THE ASHGABAT TIMES

# Sürüjilik şahadatnamasyny almak üçin kurslara ýazylmak e.gov.tm portaly arkaly onlaýn elýeterli

Türkmenistanda sürüjilik şahadatnamasyny almak üçin kurslara e.gov.tm döwlet hyzmatlar portaly arkaly onlaýn ýazylmak mümkinçiligi döredilendir. Bu hyzmat raýatlara öýden çykmazdan, isleýän kategoriýasyny saýlamaga, zerur maglumatlary doldurmaga we okuw üçin töleg etmäge mümkinçilik berýär. Ýazgy e.gov.tm portalyndaky «Awtomobil mekdepleriniň birleşigi» bölüminde elýeterlidir.

Ulanyjylar sürüjilik şahadatnamasynyň bäş kategoriýalarynyň birini saýlap bilerler: B, BC, C, D ýa-da E. Okuw bahasy saýlanan kategoriýa we kursuň dowamlylygyna baglylykda üýtgeýär.

Töleg «Altyn Asyr» ulgamynyň bank kartlary bilen amala aşyrylýar:

- B – 2.5 aý – 140 sagat – 580 TMT
- B-C – 3.5 aý – 200 sagat – 748 TMT
- C – 1.5 aý – 116 sagat 482 TMT
- D – 2 aý – 100 sagat 440 TMT
- E – 1.5 aý – 60 sagat 390 TMT.

Kurslara ýazylmak üçin pasportyň nusgasy, lukmançylyk kepilnamasy we suratlar ýaly birnäçe resminamalary ibermek zerurdyr. Portal bu resminamalary elektron görnüşde ýüklemäge mümkinçilik berýär, bu bolsa amaly ep-esli ýeňilleşdirýär:

Barlap görmek isleseňiz, e.gov.tm/service/awtomekdep

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024